TDS 1.17-2010

**<u>TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET STANDARTY</u>**

# TÜRKMENISTANYŇ KÄRHANALARYNYŇ GÖRNÜŞLERINIŇ DÖWLET KLASSIFIKATORY

**Resmi neşir**

**«Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugy**
**Aşgabat**

## Sözbaşy

1. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan IŞLENIP DÜZÜLDI WE HÖDÜRLENDI

2. "Türkmenstandartlary" Baş döwlet gullugynyň **2010-njy ýylyň iýul aýynyň 06 - syndaky № 139** buýrugy bilen TASSYKLANDY WE GÜÝJE GIRIZILDI

Bu klassifikator esasy ýörelgeleri hasaba alyp işlenip taýýarlanyldy:

a). Kärhanalaryň görnüşleriniň döwlet klassifikatorynda ulanylan halkara klassifikator: «Nomenclature General des Activites Economigues dans les Communautes Europeennes», EC, NACE rev.2, 2008 ý.

b). Türkmenistanyň Kanuny «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, I bölek, № 3 (1), 2009 ý.).

3 TDS 1.17-99 DEREGINE

Şu standarty «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugyndan rugsatsyz doly ýa-da bölekleýin görnüşde täzeden ýazmak, köpeltmek we ýaýratmak gadagan.

**Mazmuny**


1 Ulanylýan ugurlar ……………………………………...……… 1

2 Klassifikasiýanyň obýektleri …………………………………… 1

3 Kadalaşdyryjy resminamalar…………………..………………… 1

4 Adalgalar we kesgitlemeler ………………………………… 1

5 Klassifikatoryň düzümi ….......……………………………… 3

6 Klassifikasion bölümi …….……………………………………… 3

7 Kärhanalaryň görnüşleriniň klassifikatory …………………… 5

8 Faset bölümi ……………………………………………………... 6

9 Kärhanalaryň görnüşleriniň klassifikatorynda kärhanalary tertipleşdirmek üçin ykdysady işleriň görnüşlerini toparlara bölmek ……………………….. ................................................ 7

10 Klassifikatoryň ýöredilişi ………….……………………… 7

Goşundy A (maglumatnama). Statistiki birlikleriň görnüşlerini kesgitlemek ……………………………………….............. 8

**TDS 1.17-2010**

**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET STANDARTY**

---

# Türkmenistanyň kärhanalarynyň görnüşleriniň döwlet klassifikatory (KGDK)

# Государственный классификатор типов предприятий Туркменистана (ГКТП)

# State qualifier of economic activities of Turkmenistan (SQEA)

---

Girizilen senesi: **2010-08-01**

## 1 Ulanylýan ugurlar

Türkmenistanyň kärhanalarynyň görnüşleriniň döwlet klassifikatory soňra (KGDK) hojalyk subýektlerini (ýuridik şahslary) işgärleriň ortaça sanaw sany boýunça ykdysady işleriň görnüşleri bilen özara baglanyşykda kodlamak üçin niýetlenilýär.

## 2 Klassifikasiýanyň obýektleri

Bir ýa-da birnäçe ykdysady işleriň görnüşlerini amala aşyrýan we bir ýa-da birnäçe sebitlerde ýerleşýän, eýeçiligiň we hojalygyň (ýuridik şahslaryň) ähli görnüşlerinde bolan kärhanalar, guramalar, edaralar, birleşikler klassifikasiýanyň obýektleri bolup durýarlar.

## 3 Salgylanma

Şu standartda beýleki standartlaryň salgylanmalary ulanyldy:

TDS 617-2012 Türkmenistanyň ykdysady işleriniň görnüşleriniň döwlet klassifikatory

## 4 Adalgalar we kesgitlemeler

KGDK-da işgärleriň ortaça sanaw sany boýunça kärhanalaryň şular ýaly toparlanyşy ulanylýar:

---

Resmi neşir

- mikrokärhanalar;
- kiçi kärhanalar;
- orta kärhanalar;
- iri kärhanalar;
- has iri kärhanalar.

**4.1 Mikrokärhanalara** - senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpçünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 15 adama çenli, beýleki pudaklarda 10 adamdan köp bolmadyk kärhanalar degişlidir

**4.2 Kiçi kärhanalara -** senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpçünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 16 adamdan 50 adama çenli, beýleki pudaklarda 11 adamdan 25 adama çenli bolan kärhanalar degişlidir

**4.3 Orta kärhanalara -** senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpçünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 51 adamdan 200 adama çenli, beýleki pudaklarda 26 adamdan 100 adama çenli bolan kärhanalar degişlidir

**4.4 Iri kärhanalara -** senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpçünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 201 adamdan 1000 adama çenli, beýleki pudaklarda 101 adamdan 500 adama çenli bolan kärhanalar degişlidir

**4.5 Has iri kärhanalar -** senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpçünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 1001 adamdan ýokary, beýleki pudaklarda 501 adamdan ýokary kärhanalar degişlidir

## 5 Klassifikatoryň düzümi

Kärhanalaryň köp görnüşleriniň döwlet klassifikasiýasy üçin iýerarhik we faset usullarynyň sazlaşmasy ulanylýar. Kärhanalaryň görnüşleriniň klassifikatory iki bölümden durýar.

Birinji bölüm kärhananyň ölçegliligini häsiýetlendirmek bilen, iýerarhik usul boýunça gurulýar.

Ikinji bölüm statistik birlikleriň görnüşlerini häsiýetlendirmek bilen, birinji bölümi faset hökmünde ulanylýar. Kärhanalaryň görnüşleriniň fasetleriniň bellenilişine we mazmunyna düşündirişler A goşundyda görkezilendir.

Şeýlelikde, kärhanalaryň görnüşleriniň kody nokat bilen bölünen, klassifikasion we faset bölümlerinden ybaratdyr. Belli bir kärhananyň koduny gurmak üçin onuň ölçegliligini häsiýetlendirýän degişli toparlaryň kodlaryna ony statistik birligiň görnüşleri hökmünde häsiýetlendirýän faset pozisiýalary (statistik birlikleriň görnüşleriniň sanawy) goşulýar.

**XX X**

X — faset bölümi

XX — klassifikasion bölümi

**Kärhanalaryň görnüşleriniň kody = klassifikasion kody, faset kody**

## 6 Klassifikasion bölümi

Kärhanalar tarapyndan birnäçe işleriň görnüşleriniň amala aşyrylýan ýagdaýynda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan 2014-nji ýylyň 4-nji awgustynda tassyklanan (hasaba alyş belgisi №14/14-2) Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatorynyň Rev2 nusgasy boýunça kärhanalaryň ykdysady işleriniň esasy we goşmaça görnüşlerini kesgitlemegiň usulyna laýyklykda kesgitlenýän esasy ykdysady işleriň görnüşleri boýunça toparlara bölmek geçirilýär.

## 7 Kärhanalaryň görnüşleriniň klassifikatory

| Kärhanalaryň görnüşleri | YIGDK boýunça 1-nji topar * (050000-den – 439999 çenli kodlar) | | YIGDK boýunça 2-nji topar * (galan kodlar) | |
|---|---|---|---|---|
| | ortaça sanaw sany, adam | klassifikasion kody | ortaça sanaw sany, adam | klassifikasion kody |
| 00 Mikro-kärhanalar | 15-e çenli | 00.1 | 10-dan köp däl | 00.2 |
| 10 Kiçi | 16-dan 50-ä çenli | 10.1 | 11-den-25-e çenli | 10.2 |
| 20 Orta | 51-den 200-e çenli | 20.1 | 26-dan 100-e çenli | 20.2 |
| 30 Iri | 201-den 1000-e çenli | 30.1 | 101-den 500-e çenli | 30.2 |
| 40 Has iri | 1001-den we ýokary | 40.1 | 501-den we ýokary | 40.2 |
| *Ykdysady işleriň görnüşlerini YIGDK-a boýunça toparlara bölmek «Kärhanalaryň görnüşleriniň döwlet klassifikatorynda kärhanalary tertipleşdirmek üçin ykdysady işleriň görnüşlerini toparlara bölmek» görkezgijinde getirilýär. | | | | |

## 8 Faset bölümi

<table>
<tr><th>Faset kody</th><th>Statistik birlikleriň görnüşleri</th></tr>
<tr><td>0<br>1<br>2<br>3<br>4</td><td>Kärhananyň toparlary<br>Kärhana<br>Ykdysady işleriň görnüşleriniň birligi<br>Ýerli birlik<br>Edara</td></tr>
<tr><td colspan="2">B e l l i k - Kärhanalaryň görnüşleriniň klassifikatorynyň faseti Hojalyk subýektleriniň statistik sanawynyň maglumatlaryny kodlamaga gatnaşmaýar (statistik sanawda kärhananyň görnüşiniň kody diňe klassifikasion kod bolup durýar). Faset bölümi dürli seçimleýin gözegçilikler geçirilende statistik we ykdysady barlaglarda ulanylyp bilner.</td></tr>
</table>

**9 Kärhanalaryň görnüşleriniň döwlet klassifikatorynda kärhanalary tertipleşdirmek üçin ykdysady işleriň görnüşlerini toparlara bölmek**

| Toparyň belgisi we YIGDK boýunça kodlar | YIGDK boýunça seksiýalar | Seksiýanyň ady |
|---|---|---|
| 1-nji topar (050000- den 439999-a) | B | Magdan gazyp çykaryjy senagat we känleri işläp taýýarlamak |
| | C | Işläp bejerýän önümçilik (işläp bejerýän senagat) |
| | D | Elektrik energiýasy, gaz, bug bilen üpjün etmek we howany kondisionirlemek |
| | E | Suw üpjünçiligi, galyndylary arassalamak, gaýtadan işlemek we ikinji çig maly almak |
| | F | Gurluşyk |
| 2-nji topar (galan) | A | Oba hojalygy, tokaý hojalygy we balyk tutmak |
| | G | Lomaý we bölek satuw söwdasy; awtomobilleri we motosiklleri abatlamak |
| | H | Ulag işleri we ýükleri saklamak |
| | I | Myhmanhanalaryň we restoranlaryň işleri |
| | J | Habar beriş serişdeleri we aragatnaşyk |
| | K | Maliýe dellalçylygy we ätiýaçlandyrmak |
| | L | Gozgalmaýan emläk bilen bagly amallar |
| | M | Hünärmenlik, ylmy we tehniki işler |
| | N | Administratiw we kömekçi işler |
| | O | Döwlet dolandyryşy we goranmak; hökmany sosial üpjünçilik |
| | P | Bilim |
| | Q | Saglygy goraýyş we ilata sosial taýdan hyzmat etmek |
| | R | Sungat, dynç alyş we göwün açyş |
| | S | Gaýry hyzmat ediş işleri |

## 10 Klassifikatoryň ýöredilişi

Türkmenistanyň kärhanalarynyň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryny (KGDK) ýöretmek aşakdaky tertipde amala aşyrylýar:

10.1 Klassifikatory taýýarlamak we üýtgetmeler girizmek Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan amala aşyrylýar.

10.2 Klassifikatora girizilen üýtgetmeler Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan tassyklanylýar.

10.3 Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti ulanyjylara girizilen üýtgetmeler, olary işe girizmegiň tertibi we möhletleri barada habar bermegi amala aşyrýar.

## A goşundy
## (maglumat häsiýetli)

### Statistik birlikleriň görnüşlerini kesgitlemek

Ykdysady işler özüniň hususy ýuridik we önümçilik düzümi bolan ykdysady subýektler tarapyndan amala aşyrylýar.

Köplenç halatlarda kärhanalaryň ýuridik we önümçilik düzümi örän ýönekeý bolýar, şonuň bilen baglylykda statistik maksatlar üçin üýtgetmek zerur bolmaýar. Emma, ykdysadyýetiň ösmegine düzümi çylşyrymly bolan iri ykdysady obýektler möhüm goşant goşýar. Şeýle obýektler ýygy-ýygydan üýtgeýän köp sanly edara görnüşindäki taraplardan ybarat bolup, dürli ugurlarda işleriň dürli görnüşleri bilen meşgullanyp bilýärler. Statistikada şeýle obýektleriň girizilmegi tutuşlygyna örän dürli netijeleri berip biler. Şonuň üçin hem has birmeňzeş statistik maglumatlary almak üçin bu obýektleri has kiçi birliklere bölmek bolar.

Statistikanyň ähli görnüşleriniň maksady birmeňzeş toparda jemlenen maglumatlar bilen üpjün etmekden ybaratdyr. Diýmek, zerur bolan maglumatlary almak üçin toplanylýan ýa-da hasaplanylýan maglumatlar degişli bolan birlikleriň özüniň degişli statistik maglumatlary bilen beýan edilýän prosessleriň nukdaý nazaryndan, mümkin boldugyça has birmeňzeş bolmagy zerurdyr. Şu birmeňzeşligiň ykdysady işler babatda we obýektiň ýerleşýän ýeri babatda iki sany esasy aspekti bar.

Bu kontekstde gözegçilik birliginiň iki derejesi ulanylýar: kärhana - girdejiniň, çykdajynyň statistikasyny we maliýe statistikasyny ýöretmek üçin we ykdysady işleriň görnüşleriniň birligi - önümçilik statistikasyny ýöretmek üçin. Eger-de maglumatlar ýerleşýän ýeri boýunça klassifisirlenilýän bolsa, birlikleriň goşmaça görnüşleri - ýerli birlik we edara zerurdyr.

Aşakda statistik gözegçiligiň şu dört birliginiň baş ugurlary we halkara standartlaryna laýyklykda olaryň gatnaşygy getirilýär.

| | Ýerleşdirmegiň bir ýa-da birnäçe orny | Ýerleşdirmegiň bir orny |
|---|---|---|
| Ykdysady işleriň bir ýa-da birnäçe görnüşleri | Kärhanalaryň topary / kärhana | Ýerli birlik |
| Ykdysady işleriň bir görnüşi | Ykdysady işleriň görnüşleriniň birligi | Edara |

Kärhanalaryň topary gözegçiligiň statistik birligi däldir, ýöne maliýe statistikasynyň käbir bölümlerindäki belli bir ähmiýeti bilen baglylykda bellenilýär.

Kärhana hökmünde kärhanalar hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň talaplaryna laýyklykda önüm öndürmek, harytlary ýerleşdirmek, ýerine ýetirilýän işler we bitirilýän hyzmatlar üçin jemgyýetiň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we girdeji almak maksady bilen döredilýän ykdysady işiň özbaşdak subýekti hasaplanýar.

Kärhana degişli talaplar ýeke-täk eýeçiligiň ýa-da ýeke-täk barlagyň bolmagyndan ybaratdyr. Ýöne, onuň ykdysady işleriniň, şeýle hem ýerleşişiniň nukdaýnazaryndan ol her hili bolup biler.

Kärhanalaryň topary eýeçilige gatnaşygy arkaly baglanyşyklarynyň netijesinde şol bir subýektler tarapyndan barlanylýan ýa-da dolandyrylýan kärhanalaryň birleşigi (topary) tarapyndan kesgitlenilýär. Kärhanalaryň topary maliýe ýa-da önümçilik statistikasynyň nukdaýnazaryndan az ähmiýetli bolan, garaşsyz we statistika taýdan ähmiýetli gözegçilik birliklerini bir uly obýekte birleşdirýär.

Ykdysady işleriň görnüşleriniň birligi öz işleriniň nukdaýnazaryndan birmeňzeşdir, ýöne ýerleşýän ýeriniň nukdaýnazaryndan beýle däldir. Ykdysady iş bu işleriň ýerine ýetirilýän geografik etraby bilen çäklenmän, ykdysady işleriň bir görnüşi bilen çäklenýän kärhana ýa-da kärhananyň bir bölegi tarapyndan ýerine ýetirilip bilner. Bu birlik tutuş önümçilik statistikasy üçin tutuşlygyna (önümçilik, sarp ediş we maýa goýumyny emele getirmek bilen

baglanyşykly harytlar, işler we hyzmatlar bilen amallaryň seljermesi) we hususan pudagara balanslar üçin ulanylýar.

**TDS 1.17-2010**

Bu birlige bildirilýän esasy talap, onuň şol bir taraplara degişliligidir we onuň şol bir tarapyň gözegçiliginde bolmagyndan we diňe bir ykdysady işiň diňe bir görnüşiniň amala aşyrylmalydygyndan ybarat. Kesgitlenilişi boýunça her bir kärhanada hökman azyndan ykdysady işleriň görnüşleriniň bir birligi bolmalydyr.

Ýerli birlik - ýerleşýän ýeriniň nukdaýnazaryndan birmeňzeşdir, ýöne öz işleriniň nukdaýnazaryndan birmeňzeş däldir. Ol kärhana tarapyndan bir ýerde ýa-da bir ýerden amala aşyrylýan ykdysady işleriň ähli görnüşleriniň jemini görkezýär. Bu birlik ykdysady işleriň görnüşleri boýunça geografik etraplar boýunça bölünmezden, işleriň netijeleriniň klassifikasiýasy talap edilýän sebitleýin statistikanyň bölümlerinde ulanylýar.

Bu birlige bildirilýän esasy talaplar şol bir tarapa degişliligidir ýa-da onuň gözegçiliginde bolmagydyr hem-de bir ýerde ýerleşmegidir, şunlukda ol ykdysady işleriň nukdaý nazaryndan her hili bolup biler.

Her bir kärhana kesgitlenilişi boýunça azyndan bir ýerli birlige eýe bolmalydyr.

Edara – ýerleşýän ýeri bilen bolşy ýaly, ykdysady işleriň nukdaý-nazaryndan hem, birmeňzeşlik ölçegine iň ýokary derejede laýyk gelýän birlikdir. Bir ýerde ýa-da bir ýerden bir ykdysady işleriň görnüşlerini amala aşyrýan kärhana ýa-da kärhananyň bölegi tarapyndan emele getirilýär. Edara birmeňzeşligiň talaplarynyň ikisini-de kanagatlandyrmagy kepillendirýän ykdysady statistikanyň bölümleriniň köpüsinde has giňden ulanylýan statistiki gözegçiligiň birligidir.

Bu birlige bildirilýän talaplar şol bir taraplara degişliligidir ýa-da onuň gözegçiliginde bolmagydyr hem-de bir ýerde diňe ykdysady işiň bir gönüşini amala aşyrylmagyndadyr. Her bir kärhananyň, her bir ykdysady işleriň görnüşleriniň birliginiň we her bir ýerli birligiň edara görnüşindäki azyndan bir birligi hökman bolmalydyr.

**UDK 002.6 : 006.354** **MKS 01.140.20**

Esasy sözler: kärhana, kod, faset, ykdysady işleriň görnüşleri, ortaça sanaw sany